# Ýadygärlik ýaglyk

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýadygärlik ýaglyk

ÝADYGÄRLIK ÝAGLYK

Gyzylýüz ýigirler wagona mündi.
Hoşlaşyk pursaty kyn, elbetde, kyn.
Otly daşlaşsa-da tanyş ýerlerden
Ýüreklere welin ýakyndy-ýakyn.

Owaz, aýdym, gülki wagonyñ içi,
Diñe şatlyk höküm ýöredýän çemli.
…Bir esger elini eñegne diräp,
Ýadygär ýaglyga seredýär gamly.

Göýä gyz aýnadan gözleýän ýaly,
Umydyny uzaklara baglaýar.
Ýeñi bilen ýüzün gizleýän ýaly,
Şol yşgyñ pursaty göwnün çaglaýar.

Ýaglykly elini açyk aýnadan
Çykardy. Şol pursat bir güýçli şemal
Ýaglyg gaýdyryp, äkitdi umma,
Ýara ýetirjek deý bir ýşgy salam.

Otly şeýdip, dowam edip ýoluny
Ýigidi dogduk obasyna getirdi.
Göz öñünde bolaa eli ýaglykly
Ýoluna seredip, şol gyz oturdy…

*   *   *

Niçe wagtdyr goşgy ýazmak kyn maña,
Atamyñ gözleri ýumlaly bäri.
Ak perişde ýaly Ýerden göterlen
Tämiz ruhuna sygnalym bäri.

Galdy ondan diñe ýagşy ýatlama,
Ömrüne iýmedi haram lukmany.
Şükür, il eçilen altyn alkyşdan
Göwher deý nur saçýar ýagty ykbaly.

Diýýärler: "Aýatda alynan alkyş
Dünýäñ bar baýlygna barabarmyşyn.
Kim alsa ömründe galynmaz gargyş,
Ruhy ýere dolanmaga zarmyşyn".

Dolagsyz ötmäliñ ýagty dünýäden,
Bir ýagşy söz gazanalyñ bolmanda.
Ruhuñ şat bolar, ýagşy işlerim
Sogaba ýol açsa diriñ kalbynda.

*   *   *

Sähelçejik gussañ bolsa göwnüñde,
Ýyldyzlary synlap ýat sen gijeler.
Çözüler bar bolsa köne düwnüñ-de,
Näzik köñül ýuwaş-ýuwaş ynjalar.

Ap-ak ýyldyzlaryñ süýt deý ýagtysy
Seniñ ýürek arzuwlarña menzeşdir.
Olar takdyr däldir, olar ykbaldyr,
Olar ömrümize nurly güneşdir.

Ýyldyzlar ruhudyr ötenlermiziñ,
Ýagty geljegidir dünýä injekleñ.
Söýgi bilen aparañda Bagtyñy,
Götersin-dä hernä ony injikler.

Ýöne öz ýyldyzyñ kyndyr tapmasy,
Göýä Zemin içre taýyñ gözlän deý.
Ol – köñlüñi köñüllere sapmasy,
Däldir biparhlykda ýalan sözlän deý.

Olar asla halamaýar galplygy,
Ýagşyny-ýamany seljerip durlar.

Ömür tereziniñ göwher gaşy deý,
Her günüñi çekip, ölçerip durlar.

■ Peşeñ we bugdaý

Ýatyr poslan peşeñ guma garylyp,
Gör, toprak janlanýar, Günden nur alyp.
Ýüzüni ogşadyp ýazyñ ýeline,
Daýhan tohum sepdi ene ýerine.

Guşgursak däneler ýere seçilip,
Düşdi olañ biri peşeñ içine.
Bir gün bolsa asman ýagmyr eçilip,
Çykdy bugdaý golun gerip çar ýana,
Oñ zarbyndan peşeñ gitdi deşilip…

Şyhmyrat BATYÝEW.

Goşgular